# Milisioneriñ maslahaty / monolog

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Milisioneriñ maslahaty / monolog MILISIONERIÑ MASLAHATY



Soñky döwürde jenaýatyñ artmagy bilen bize, ýagny milisionerlere hak-u-nähak igenýänler köpeldi. "Milise işlänok, düzgün-tertibe seredenok, aýagyñy uzyn salyp öýüñde arkaýyn ýatyp bolanok, şu bolýan jenaýatlarda olaryñ özüniñem eli barmykan öýdýän" diýen ýaly bor-bolgusyz subutsyz deliller bilen bize gara sürtjek bolýarlar. Pyrryldagyñyz başa barmaz. Bu gürrüñleriñ bary biderek. Hawa, bary biderek, ýoldaşlar!
Näme, biz ogry-jümrülere meçew berýändir öýdýäñizmi?! Ýa olaryñ elinden tutup "bar, ogurla" diýýändir öýdýäñizmi?! Gödek ýalñyşýarsyñyz, ýoldaşlar. Olar özleriniñ etjek işlerini biz bilen geñeşenoklar. Ogrulañ şolar ýaly nejis häsiýetleri bar. Şonuñ üçin hem biz olary berk ýazgarýarys, näletleýäris. Häzirki döwürde näme etjek bolsañ, aýdyp edibermeli ahyryn, ähli zada ýol berilýär. Ýurdumyzda demokratiýa gülläp ösýär. Hawa, demokratiýa! Aç-açanlyk! Şama-şaýyrdylyk! Wiý, neme, alternatiw! Kooperatiw!.. Aý, garaz, towugyña tok diýýän ýok. Häzir hemme ýerde üýtgedip gurmaklyk giñ gerim bilen ýaýbañlanýar. Iñ bärkisi ogrular hem bu babatda dek oturanoklar, köp çäreleri durmuşa geçirýärler. Häzir dogryñy aýdylýan döwür. Her hili ajy hem bolsa boýun almak gerek, ogrularyñ gazanýan netijeleri biziñkiden has galarak. Biz arifmetiki progres bilen össek, olar geometrik progres bilen plan-borçnamalaryny 117 prosent ýerine ýetirýärler, a biz

bolsak, men-ä aýtmaga-da utanýan. Hawa, öňki durgunlyk ýyllary bolanda, onda olary göçme Gyzyl baýdakdyr pul baýraklary bilen hem sylaglap bolardy.
Ýurtda ogrulyk-jümürligiň şeýle pajarlap ösmegine diňe biz – milisionerler günäkär däl. Ýok, biz özümizde jinnek ýalyjak hem müýn duýamzok, ýoldaşlar. Onsoňam biz ot bolanymyzda niräni ýakaly?! Hä? Bu işde köpçüligiň, halkyň, mahlasy, siziň hemmäňiziň hemaýatyňyz goldawyňyz gerek. Düşnüklimi?! Käbir gepe düşmez berebekgeýler aýny bolmasa "Siz şo zatlar üçin hak alýaňyz" diýen bolýarlar. Hamala diýersiň, özleri mugt işleýän ýaly. Siz näme, onda, bolçulyk döredeňizok, hä? Magazinler taňkyraşyp ýatyr, suw çaýkalan ýaly. Dörediň-dä döredýän bolsaňyz, bolçulugy. Agzyňyzda aş gatyklap ýörmäň-de. Size ili tankytla diýseň, bar başarýan zadyňyz şodur. Gerek zadyň tapylyp dursa, baran ýeriňden alyp durmaly bolsa, onda ogrularam beýdip iliň malyna tiňkesini dikip ýörmezdiler ahwetin. Ýa men ýalňyş aýdýanmy?! Ah-ow, doganlar, sizem şo zatlar üçin hak alýaňyz-a. Diňe ili kötekläp ýörmäň-de, özüňize-de bir göz aýlaň. Tijeniň, gardaşlar, tijeniň! Hä-ä, öz üstüňizden düşübersem asyl halamarsyňyz. Näme, size haky artdyryp ýazyň, gözboýagçylyk ediň, ýa bolmasa brak önümleri öndüriň diýip berýälermi? Näme, dymýaňyz? Tankyt ajymy-süýji? Dadyp görüň! Meni gürletmäň, içim ýanyp durandyr, agzymdan çabyrap ýalyn çykýandyr. Geliň, gowusy siz-ä bize zat diýmäň, bizem siziň adyňyzy tutmaly. Gürleşdikmi?!
Ýene-de men özüňiz bilen deň bolmaýyn, spesialist hökmünde degerlije maslahatlar bereýin. Eýsem, jenaýaty azaltmak üçin näme etmeli?!
Birinjiden-ä, işe gideniňizde öýde adam galmaýan bolsa, gymmat bahalyja zatlaryňyzy ýanyňyz bilen alyp gidiň. Gepiň tümmek ýeri, goşuňyzy arkaňyza daňyň. Goý ogrular butlaryna kakyp ät galsynlar.
Ýene-de bir berjek maslahatym işigiňiziň gulpuny köpeldiň. Has gowusy, gapyňyzyň iç ýüzünde ýarak it daňyp goýuň. Goý, ol gapy açylan badyna ogrularyň boýnundan aslyşsyn. Itden azajyk aňyrrakda bolsa gapan gurup goýmaklygy maslahat berýäris. Has ygtybarly serişdäniň biri hem arakdyr. Hawa, hawa,

geñirgenmäñ, gürrüñ içilýän arak hakda barýar. Özem ýasama arak däl, käbir magazinlerdäki ýaly, hakyky arak bolsun. 40 graduslyk. Ine, şolaryñ iki-üç çüýşesini göze görnüo duranrak ýerde goýsañyz, ogrularyñ jany bolmaz, göni şoña topularlar. Araga bir agzy degen ogry bolsa çüýşäñ düýbüni görmän başga işe ýapyşmaz. Netijede, olar pýan bolup duran ýerlerinde dükgererler. Ynha, işden gelseñiz taýýar tutulgyja ogry ýatandyr, size garaşyp. Onsoñ bizi howlukmañ-da çagyryberiñ, olaryñ gitjek ýeri ýokdur.
Umuman, ýoldaşlar, "Hudaýa-da ynanmaly welin, eşejigiñizem berk duşamaly". Meniñ aýtjak bolýan zadym, milisiýa-da ynanyñ, ýöne zadyñyza berkräjik bolaweriñ, adamlar!

Täçmämmet JÜRDEKOW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Satiriki hekaýalar